# Imandan aldym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Imandan aldym

IMANDAN ALDYM

Ygrar berdim, dönmen Tañry öýünden,
Berdigim ygrary imandan aldym.
Başga seýran gördüm özüm-özümden,
Bu muhabbeti men Merdandan aldym.

Nar-u, bad-u, suw-u häkden halk oldum,
Özüm-özüm ene rahmynda buldum.
Müddet tamam oldy, dünýäýe geldim,
Bu ybratnamaýy jahandan aldym.

Bildigim unutdym, eýlärem perýat,
Derdim budur, dil ýok, isteýem imdad,
Tekrar ýene taglym etdi bir ustad,
Dersimi mekdebi-irfandan aldym.

Jan gözi gaflatdan açyla düşdi,
Ikilik perdesi seçile düşdi.
Gudray hazynasy eçile düşdi,
Jöwahyry käni-merjenden aldym.

Bu bir gizlin syrdyr, her jan duýamaz,
Ähli yşkyñ hataryna uýamaz.
Her bir jöwherpuruş baha goýamaz,
Bu dürri-ýektadyr, ummandan aldym.

Gel düşünme, akla sygmaz bu ylym,
Gudrat haznasynyñ açary dilim,
Bir uly dergaha ulaşdy ýolim,
Bilmeýen sanyr ki, dükandan aldym.

Ah edip utandym özüm sözümden,

Mest olup, topraga düşdüm özümden.
Ganly ýaş akytdym iki gözümden,
Majeraýy çeşmi-girýandan aldym.

Musaýa tejelli göründi Turdan,
Mest olup, aklyny çaşyrdy syrdan,
"Enel-Hak" syryny aldym Mansurdan
Muhabbet kemerin erkandan  aldym.

Hak biler, sözüme kile gatmazam,
Her kese bu syry aýan etmezem,
Gymmaty bilinmez ýerde satmazam,
Men bu nesihaty bir jamdan aldym.

Çalyş, bi girdabyñ çyk ýöresine,
Derman gizlenipdir dert arasyna,
Merhem sarylarmy yşk ýarasyna,
Bu ylmy-hikmetli Lukmandan aldym.

Älem başdan-başa bir seýrangähdir,
Gir köñül şährine, gör, ne dergahdyr.
Bir gizlinje syrdyr, gudratylladyr,
Ýazylmyş depderu-diwandan aldym.

Dünýäden el çekdim, erkandyr işim,
Çeşm ile burhandyr, döküler ýaşym,
Sizlere hediýýe, eldedir başym,
Ol ýaşyl ýapragy Selmandan aldym.

Şa Ysmaýyl HATAÝY TÜRKMEN.

Goşgular